Ösümlik ýaglary, esasan, iýmit hökmünde ulanmak üçin alynýar. Ýaglaryderman, kosmetiki we tehniki serişdelere goşmak üçin hem ulanýarlar.Ösümlik ýaglarynyň çig maly hökmünde, köplenç, olaryň çigidi hyzmatedýär. Ösümlik ýagy degişli ösümligiň ady bilen atlandyrylýar. Meselem,palma ýagy, soýa ýagy, günebakar ýagy, kokos ýagy, raps ýagy, zeýtunýagy, mekgejöwen ýagy we başgalar.

Ösümlik ýaglarynyň aglabasy örän ýokumly iýmit bolmak bilen, olary köplenç arassa görnüşinde (mysal üçin, salat ýaglary), käbirini bolsa täzeden işläp, margarin, maýonez we başga ýaglary almak üçin ulanýarlar.Ir döwürlerde ýaglary zeýtundan we palmadan alypdyrlar, çünki buagaçlaryň çigidinden gysyp ýag almak üçin uly güýç sarp edilmeýär.Tehnikanyň ösmegi bilen ýaglary almasy kyn bolan ýa-da ýagy özünde az saklaýan ösümliklerden hem alyp başlapdyrlar.

Ýaglar 2 hili bolýar: Ösümlik we haýwan ýaglary. Ýaglaryňşu 2 toparyň haýsyna degişlidigini olaryň düzüminde holesteriniň ýa-da fitosteriniň bolmagy kesgitleýär, ýagny düzüminde holesterin bolan ýaglar haýwan ýaglaryna,düzüminde fitosterin bolan ýaglar bolsa ösümlik ýaglaryna degişlidirler. Ösümlik ýaglary hem 2 topara – gaty we suwuk ýaglara bolünýär.Suwuk ýaglaryň häsiýetlerine baglylykda olary 4 topara bölýärler. Kenebe meňzeş ösümlikleriň ýaglary – bu ýaglar beýleki ýaglardan has çalt gurap,gaty görnüşe geçýärler. Çigildeme meňzeş ösümlikleriň ýaglary – bu ýaglar haýal guraýarlar. Zeýtuna meňzeş ösümlikleriň ýaglary – bu ýaglar guraman goýalýarlar. Kastor ýaglary – guraman, suwuk ýagdaýyny saklaýarlar.

Ösümlik ýagyny öndürmek bilen meşgullanýan bölüm TürkmenistanyňAzyk senagaty assosiasiýasynyň iň iri bölümleriniň biridir.Ösümlik ýagynyň çig maly hökmünde, köplenç, ösümlikleriň çigidihyzmat edýär. Çigitden ýaglary, esasan, iýmek üçin alýarlar, kähalatlardaýaglary derman, kosmetiki we tehniki serişdelere goşmak üçin hem ulanýarlar.

**Atamyrat BABAMYRADOW**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk**
**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024